http://vk.com/mugallym_we_biz

Gabriel Garsia MARKES



# Uçardaky gözeliň ukusy

(Hekaýa)

Ol gyz juda owadandy, göze gelüwlidi. Onuň bugdaýreňk näzik bedeni, badam gabaklary bardy, şar gara saçlary biline düşüp durdy. Şamar saçlar mylaýymlyk bilen öwüsýän säher şemalyna owsun atýardy. Men bu gözellige maýyl bolup oturyşyma, bu perisypat gyzyň indoneziýalydygyny aňýardym. Ol sypaýydan ykjam geýnipdir: egnindäki geçigaplaň derisinden tikilen menek-menek tegmilli penjegi, ýüzüne täsin gül salnan ýüpek köýnegi, zygyrdan dokalan jalbary we aýagyndaky dilkaw çyzykly köwşi oňa aýratyn gelşik berýärdi. «Bu gyz meniň ömrümde gören zenanlarymyň içinde iň gözeli bolsa gerek» diýip oýlandym. Syrly gözele gözüm düşen pursady «Onuň deňinden ene ýolbarsyň öz awuna tarap hereket edişi ýaly, assyrynlyk bilen ýöräp geçmeli» diýip içimi gepledipdim. Men Parižiň Çarles de Gaulýe howa menzilinde Nýu-Ýorka uçýan ýolagçylaryň bellige alynýan ýerinde nobatyma garaşyp durdum. Ol gözel ýene-de alnymda bir pursatlyk peýda boldy-da, soňra märekäniň içine siňip gitdi.

Häzir ir sagat 9:00-dy. Öten gijeden bäri dynuwsyz gar ýagýardy. Bu ýeri edil şäher köçeleriniň gatnawy ýaly ikibaka geçýän adamlardan ýaňa hyň berýärdi. Bu ýerden — aýnanyň bärsinden daşary seredeniňde deňiz kenaryna ýetmän sowulýan, garda bugaryşyp duran köçelerde we uly ýollarda bolsa hereket togtana meňzeýärdi. Uçar menziliniň işigin-de-de şunuň ýalydy. Emma bir täsin ýeri, göwnüme bolmasa, howa menziliniň içinde durmuş, göýä ýaz paslynda dowam edýäne çalymdaşdy.

Men on bir çemedandan ybarat goşunyň agramyny çekdirmek üçin bir sagada golaý wagtlap ýolagçylary eglän, gollandiýaly bir gartaşan aýalyň yzynda nobata durdum. Şol gözel gyzyň bir pursatlyk gözüme kaklyşyp, soňra bolsa gaýyp bolanynda, meniň ýüregim gysyp başlady, birden darygyp ugradym. Şeýlelikde, bolup durşumy görüp, igenç bilen hüňürdeýän gullukçy zenanyň sesi meni özüme getirinçä, şol gartaşan aýalyň goşlary sebäpli başlanan başagaýlygyň nähili gutaranyny hem bilmändirin. Hiç zat bolmadyk ýaly, men hasaba alyjy bu gullukçy aýaldan: «Siz bir bakyşda döreýän söýgä ynanýaňyzmy?» diýip soradym. Ol maňa: «Hawa, ynanýan, elbetde, döräp biler!» diýip syrly ýylgyrdy. Ol kompýuteriň monitoryndan nazaryny sowman gürlemegini dowam etdi we menden haýsy ýerde oturmakçy bolýanymy sorady:

— Çilim çekmäge rugsat edilen ýerdemi ýa-da bu gadagan edilen ýerde oturmak isleýäňizmi? — diýdi.

— Maňa-ha tapawudy hem ýok. Meni şol on bir çemedanly aýala golaý oturtmasaňyz bolýar — diýip, degşen kişi boldum.

Ol maňa duýgudaşlyk bildirýän terzde, bu gezek nazaryny kompýuterden sähel sowdy-da, birenaýy gülümsiräp:

— Onuň ýaly bolsa, üçünji, dördünji ýa-da ýedinji belgilerden birini saýlaň — diýdi.

— Men-ä dörtlük belgini alaýjak!

Ol maňa gaýtadan garady. Onuň nämedir bir zada gaty geň galandygyny köp manyly ýylgyryp bakyşyndan aňdym.

— On bäş ýyl bäri şu ýerde oturýan. Emma ýedilik belgiden ýüz öwürýän ýolagçyny ilkinji gezek görýärin...

Ol zenan meniň uçuş petegime oturjak ýerimiň belgisini goýdy we beýleki resminamalarym bilen yzyna gowşurdy. Şonda ol maňa ajaýyp gözleri bilen ilkinji gezek dikanlap seretdi. Şol gözlerden azajygam bolsa, öz bitakat kalbyma teselli tapan ýaly boldum. Edil şu pursat meniň ýene-de şol garçgaý gözlere bakyp, birsalym durasym geldi. Şol wagt howa menziliniň ýapylandygyny we howa gatnawlarynyň ählisiniň togtadylýandygyny yglan etdiler.

— Näme üçin uçuşlar saklanylýar? Bagyşlaň, bu haçana çenli dowam ederkä, siz muny anyklap bilmersiňizmi?! — diýip, howsalaly soradym.

— Indi tä Hudaýyň özi hemaýat edinçä şeýle bolar — diýip, ol mylaýym ýylgyrdy. — Teleradioýaýlymlarynda şu gün güýçli aýaz boljagyny hemde agyr gar düşjegini habar berdiler.

Aý, ýok-la, bu zenan ýalňyşaýdy öýdýän: bu gün diňe bir ýylyň däl, asyl-ha asyryň iň garly güni bolaýmagy-da ahmal. Emma amatsyz howa ýagdaýlary zerarly, bu mejbury başagaýlyk maňa şol şamar saçly, badam gabakly, bugdaý meňizli näzenini ýene bir ýola görmek mümkinçiligini döretdi. Hakydamda bu näbelli melegiň keşbi janlandy. Göýä, meniň üçin hakyky bahar pasly gelene döndi, owadan güldanlarda oturdylan janly bägüllere baharyň mylaýym demi uran ýaly boldy. Ajaýyp saz ýaňlanyp başlanynda bolsa, daş-töweregimi şeýle ýakymly rahatlyk gurşap aldy. Ony mähelläniň içinden, daş-töweregimden gözläp ugradym, dogabitdi dogumlylygyma garamazdan, endamymda galpyldy peýda boldy, elim-aýagym sandyrap ugrady. Geçelgäniň ugrunda adamlardan ýaňa ýer-jaý ýokdy. Şol adamlaryň aglabasy, edere iş tapman iňlis dilinde çap edilen gazetlere güýmenişip otyrdy. Olaryň aýallary bolsa, aýnalanan gapylaryň aňyrsynda gar basan uçuş zolagynda hereketsiz duran uçarlary synlap duruşlaryna, Hudaý bilsin, gör, nämeler hakynda pikir edýärdiler.

Geçelgäniň ugrunda irikgä bolşup, yzgytsyz bu tebigy hadysanyň soňunyň gelerine garaşyp duran adamlar şeýle köpdi welin, howa menziliniň içindäki howa agyrdan dymyljykdy. Bu ýerdäki emele gelen dyknyşykdan ýaňa ötere-geçere ýol ýok diýen ýalydy. Adamlar çagalaryny, käbirleri bolsa, ýanlary bilen alan öý haýwanjyklaryny we ýol goşlaryny ýadawlykdan ýaňa, duran-duran ýerlerinde goýýardylar. Şäher bilen hem aragatnaşyk kesilipdi. Öýleden soň jaýyň içi has-da petiş boldy. Men arassa howadan dem almak üçin daş çykdym. Menziliň binasy gaý-tupanda azaşan ullakan deňiz gämisine meňzeýärdi. Häzir şol gözel gyz hem bir ýerlerde, bu giden mähelläniň içinde bardyr diýen pikiri hiç hakydamdan çykaryp bilmeýärdim. Bu hyýal mende garaşmaga, sabyr-kanagatly bolmaga täze ynam döretdi.

Günortanlyk naharynyň wagty gelende çaýhana-

Dünýä belli ýazyjy, edebiýat boýunça Nobel baýragynyň eýesi (1982) Gabriel Hose de la Konkordia Garsia Markes 1927-nji ýylyň 6-njy martynda Kolumbiýanyň Arakataka şäherçesinde dünýä indi. Mekdebi tamamlanyndan soň, 1946-njy ýylda Bogotanyň milli uniwersitetine hukukçy hünäri boýunça okuwa girýär. Emma 1950-nji ýylda okuwyny doly tamamlaman, ömrüni edebiýata bagyş etmegi ýüregine düwýär.

1954-nji ýylda Markes «El Espektador» gazetinde işläp başlaýar we döwrüň iň möhüm meselelerine seslenýän galamgär hökmünde uly üstünlikler gazanýar, şol bir wagtda çeper eserleri ýazmagyny hem dowam edýär. 1961-nji ýylda onuň «Polkownige hiç kim hat ýazanok» atly meşhur powesti, 1966-njy ýylda bolsa «Agyr döwür» romany çap edilýär. 1967-nji ýylda ýazan «Ýüz ýyl ýalňyzlyk» romany ýazyjynyň adyny bütin dünýä äşgär edýär. Bu eser XX asyryň iň ajaýyp eserleriniň biri hökmünde ykrar edilýär. Mundan soň Markesiň birnäçe powestler we hekaýalar ýygyndylary çap edilýär. Olaryň ählisi okyjylar tarapyndan gyzgyn garşy alynýar.

1985-nji ýylda Markes «Mergi döwründäki söýgi» atly romanyny tamamlaýar. Ýazyjynyň bu eseri boýunça düşürilen adybir çeper film tomaşaçylarda ýatdan çykmajak täsir galdyrýar. 2002-nji ýylda çap edilen «Gürrüň bermek üçin ýaşamak» atly terjimehal häsiýetli kitabynda bolsa ýazyjy ömrüniň iň wajyp pursatlary barada gürrüň berýär.

Markesiň her bir eseri dünýäniň ähli dillerine diýen ýaly terjime edilip, edebiýat muşdaklarynyň ýüreginde uly orun eýeleýär. 85 ýaşly ussat ýazyjy bu gün hem okyjylaryny täze eserler bilen begendirmek üçin öndümli işlemegini dowam edýär.



GABRIEL GARSIA MARKES

laryň, naharhanalaryň, dükanlaryň garşysynda yzy üzülmeýän adam hatarlary peýda boldy, üç sagada ýeter-ýetmez wagtdan olaryň baryny bialaç ýapmaly boldular. Sebäbi, olarda iýere-içere hiç zat galmandy. Ýolagçylar iýip bolaýjak ähli zatlary towsa göteripdirler. Edil şol pursat ýer ýüzüniň ähli çagalary şu ýere ýygnanyp, barysy hem bir demde aglap başlana döndi. Birgiden iýmitiň içinden maňa ýeten zat — çagalar dükanynda iň soňky galan iki sany sowujakdan ýagly buzgaýmak boldy. Men olar üçin hasaplaşyp durkam, bu dükanyň kömekçi işgärleri eýýäm oturgyçlary stollaryň üstüne galdyrýardylar we olary syryp-süpürip ugrapdylar. Meniň gözüm aýnanyň ýüzündäki keşbime düşdi, ýene-de şol gözel gyz hakda oýa batdym. Soňky buzgaýmak hem oda-köze düşüp barýan ýürejigimi sowadyp bilmedi...

Nýu-Ýorka uçuş gündiz sagat on birde bolmalydy. Emma uçar agşam sagat sekizde uçdy. Men ýadawlykdan ýaňa uçara özümi zordan atdym. Birinji derejeli bölümde oturýan ýolagçylar eýýäm ýerlerinde ornaşypdylar. Uçarbelet gyz meni öz ýerime geçirdi we goş-golamlarymy ýerleşdirmäge kömekleşdi. Meniň tas demim sogrulypdy, ýüregim gursagymy ýaryp çykaýjak boldy. Gapdalymdaky ýanaşyk ýerde, aýna tarapda meniň yşkyna düşüp, janserek bolup idäp ýören gözelim oturan eken. Meniň gökdäki dilegim ýerde gowuşdy. Bu oslagsyz duşuşygy iň süýji arzuwlarymda-da göz öňüne getirip bilmezdim. «Eger-de men şu zatlar barada kimdir birine gürrüň bersem hem ynanmazdy!» diýip pikir etdim. Men oňa sakawlap, çekinjeňlik bilen zordan salam berdim, ol bolsa meniň salamymy hem almady, asla men taýa gözüniň gytagy bilen hem bakmady. Ol göýä, birnäçe ýyllap bu ýere ýaşamaga göçüp gelen adam ýaly, oturan ýerinde ymykly ornaşypdyr. El goşlaryny ýerbe-ýer, tertipleşdirip goýuşdyrypdy. Şol iki aralykda uçarbelet gyz üstinlikli uçuşyň şanyna bize şampan çakyryny getirdi. Men gözel gyza hödür etmek üçin bir bulgur aldym, ýöne meniň hakydama dek häzir bir pikir geldi. Sebäbi gyz çakyr däl-de, bir bulgur suw içmekçi bolupdy ahyryn we uçarbelet gyzdan ony getirip bermegini sorapdy. Ol ilki üzlem-saplam fransuzça gepledi, soňra ýabygorlurak bolsa-da, öňküsine garanyňda biraz düşnüklíräk äheňde iňlisçe gepledi. Men gep urşundan, garaz, uçuşyň dowamynda ony hiç kimiň bimaza etmezligini uçarbelet gyza tabşyrandygyny aňdym. Onuň göräýmäge mylaýym sesinde nähilidir bir düşnüksiz gussa bardy. Men onuň bir aladasynyň bardygyny duýýardym.

Oňa suw getirip berenlerinden soň, gujagyndaky burçlary mis bilen jäheklenen, ene-mamalarymyzyň köne döwürlerde ulanan gadymy sandyjagy ýaly, kiçijik gapyrjagyny açdy-da, iki gerdejik altynsow reňkli, rahatlandyryjy dermany çykaryp, olary suw bilen owurtlady. Soňra ol penjiräniň tutusyny aşak goýberdi, kürsüsini doly arkan ýatyrdy we ýapynja bilen biline çenli örtdi, rahat ýatar ýaly ýörite daňy bilen gözlerini baglady-da, arkasyny maňa tarap öwrüp, gyşardy. Ol sesini-üýnüni çykarman, hatda ýatyşyny hem üýtgetmän, Nýu-Ýorka çenli, doly sekiz sagat on iki minutdan hem gowrak wagt sarsman ýatdy.

Gapdaljygymda oturan bu ajaýyp gözel ýaly, özge bir ajaýyplygyň tutuş tebigatda bardygyna hem ynanasym gelmeýärdi. Biziň şeýle tizlik bilen uçup, barha ýokary galşymyz ýaly, hälki uçarbelet gyz hem bahym gözden ýitdi. Ol başga bir uçarbelet gyz bilen nobatyny çalşypdy. Soňky gelen uçarbelet gyz ýanymdaky gözeli aýdym-saz diňlemek üçin ýörite niýetlenen gulaklyklary berjek bolup oýarmaga synanyşdy. Men bu uçarbelet gyza-da gözeliň öňki uçarbelede aýdan zatlaryny ýatlatdym. Ýöne uçarbelet gyz onuň agşamlyk naharyny edinmek isleýändigini ýa-da islemeýändigini özünden eşitmek üçin ony ýene-de bimaza etmäge durdy. Aýdýanlarymyň dogrulygyny düşündirjek bolup ondan birinji uçarbelet gyzy çagyrmagyny haýyş etdim. Uçarbelet gyz şol gözeliň özüniň biynjalyk edilmezligini sorap, ýörite ýazgyny boýnundan asmanlygy üçin maňa igendi.

Agşamlyk naharyny ýeke özüm edinmeli boldum. Onuň ukusy şeýlebir berkdi, sessiz-sedasyz, dünýäni duýman ýatyrdy. Men häzir onuň ýatjak bolup atan dermanlaryndan ýaňa birhili biynjalyk boldum. Göýä, ol şol dermanlary uklamak üçin däl-de, özüni heläklemek üçin, atan ýalydy. Her gezek çakyry owurtlamazymdan owal bulgurymy göterip, oňa şu sözleri aýdýardym:

«Seniň saglygyň üçin, gözel gyz!»

Agşamlyk nahary tamamlanandan soňra çyralary söndürdiler, ýolagçylar görer ýaly film goýdular we şeýlelikde, biziň ikimiz garaňkylykda duldegşir bolup galyberdik. Asyryň iň garly, gaý-tupanly güni geçip gitdi. Bu agşam şeýle aýdyňdy. Aşakda aňyrsyna-bärsine göz ýetmeýän Atlantika umma-

ny ýaýylyp ýatyrdy. Uçarymyz göýä diýersiň, ýyldyzlaryň arasynda gymyldaman duran, hereketsiz bir jisime meňzeýärdi. Men bu hüýrsypat näzenini uzak wagtlap gözümi aýyrman synlap oturdym. Durmuşymyň ýeke-täk höwesi hem umydy bolan arzuwlarymyň kölegeleri onuň garşysyndan edil suwuň ýüzündäki bulutlar ýaly bolup geçip durdy. Boýnundaky inçejik altyn zynjyry onuň bugdaýreňk teninde sähel saýgardýardy, göräýmäge, onuň jan saglygy oňatdy, sebäbi dyrnaklary gyrmyzy öwüsýärdi we çep eliniň bir barmagynda ýönekeýden kiçeňräk ýüzügi bardy. Daş keşbinden çen tutsaň, ol ýigrimi ýaşdan ula meňzänokdy, şonuň üçin barmagyndaky ýüzügiň nika ýüzügi däldigine ynanasym gelýärdi. «Sen häzir süýji ukuda ýatyrsyň, seniň ýüz-keşbiň, syratyň şeýle ajaýyp, gözel, tämiz, sende özüňe ynam bar we olar meniň baglanan gollaryma juda ýakyndy» — men bulgurymdaky şampan çakyryna seredip, Herardo Diegonyň sonetini ýatladym. Soňra men hem kürsümi onuňky ýaly edip arkan ýatyrdym we şol pursat biz biri-birimize durmuş guran ýaş çatynjalar ýaly has ýakyn bolduk. Meniň gözlerimi baglan şol gözeliň deminden gelýän howa ajaýyp bir owaza meňzeýärdi we onuň teninden örän ýakymly ys ýaýraýardy. Bu ys onuň gözelligi bilen sazlaşyp, hakydaňda tämiz duýgulary oýarýardy. Dek häzir okan kitaplarymyň biri ýadyma düşdi. Men hemişe muny akyla sygmajak zat hasaplardym. Geçen ýazda men Ýasunari Kawabatanyň Kýotanyň şäherli garrylary barada ýazan ajaýyp romanyny okapdym. Şol garrylar tutuş gijäni şäheriň iň gözel gyzlaryny synlap, diňe şolara seredip geçirmek üçin şeýle köp pul berer ekenler. Olar juwan gyzlaryň özlerini duýman beýhuş halynda düşekde ýatan ýagdaýynda synlaşyp, olary oýarmaga-da het edip hem bilmeýär ekenler. Hatda olara galtaşmak hakynda pikir hem etmändirler. Bu agşam men hem ýanymda ýatan perizadyň didaryndan doýup bilmän, tutuş gijämi ukusyz geçirdim. Men diňe şonda öz okan romanymdaky garrylaryň nowjuwan gözelligi ine-gana synlamakdan alýan şol ajaýyp lezzetine düşündim.

Şampan çakyrynyň keýpine birsalym irkilen ýaly bolupdyryn. Az salymdan kellämiň agyrysyna çydaman oýandym. Kelläm edil ýarylyp barýardy. Men ýerimden turdum-da, el-ýüz ýuwulýan ýere ýöneldim. Meniň oturan kürsümden iki kürsi yzda on bir çemedany bilen köpleri geň galdyran, şo-ol garry ene öli ýaly uklap ýatyrdy. Ol söweş meýdanynda taşlanyp gidilen jesede meňzeýärdi. Ýerde bolsa, onuň äýnegi ýatyrdy.

Men ýerime dolanyp gelýärdim we içimden «Hudaý jan, bu gözeli bahymrak oýaraýmal-a!» diýip arzuw etdim. Howlugyp barşyma, tasdan gollandiýaly aýalyň äýnegini basypdym. Men yzyma dolandym-da, garry enäniň äýnegini ýerden galdyrdym we ony gujagynda goýdum.

Gözel gyzyň ukusy juda süýji bolara çemeli. Meniň ýeke-täk arzuwym ukuda ýatan gözel gyzy oýa halda görmekdi, hatda ol gahar-gazapdan ýarylaýjak bolsa-da, onuň tizräk oýanmagyny isleýärdim. Sebäbi meni durkum bilen özüne bendi eden şol gyzdan erkinligimi, rahatlygymy yzyna gaýtaryp alasym gelýärdi. Ýöne muny asla başarmajagyma gözüm ýetip durdy. «Haý, ysnadyň biri... — diýip, juda janyýangynlyk bilen öz-özüme igendim. — Men nämüçin adama şowlulyk getirýän öküzçe ýyldyzynyň astynda dogulmadymkam?!»

Gözel gyz uçaryň ýere gonmagy üçin berilýän duýduryş yşyklary ýanmazynyň öň ýany duýdansyz oýandy. Ol şu wagt şeýle owadandy, şeýle ajaýypdy, hamana ýaz güli ýaly terdi, tämizdi. Gyz gözüne daňan daňysyny aýyrdy, gözlerini açdy, oturan kürsüsini tertipleşdirdi we saçlaryny howlukmaçlyk bilen darady, özüne serenjam berdi. Ýanyndaky gerekli, zerur zatlaryny salyp göterýän gutujygyny gujagynda goýdy we ýüzüne çalasynlyk bilen reňk çaldy. Aslynda onuň ýüzüne hiç hili timar bermek gerek hem däldi, onuň ýüzi onsuzam juda owadandy. Ol gara başyna gaý bolup, tä uçaryň gapysy açylýança, meni görmedi. Soňra geçigaplaňyň derisinden tikilen penjegini geýdi hem-de meniň ýüzüme-de bakman diýen ýaly gapdalymdan ispan dilinde gepleýän amerikaly adamlaryň gepleýşi ýaly, menden ötmäge ýol bermegimi sorady-da, biperwaý geçip gitdi. Men ondan ýeke söz eşitmäge zar bolupdym. Onuň maňa aýtjak ýekeje sözi bolsa gözüme dünýäniň ähli baýlygyndan zyýada görnüpdi. Ol meniň bilen hoşlaşmady. Hatda biziň bileje, ýanaşyk geçiren bagtly gijämiz onda hiç hili täsir galdyrana meňzemeýärdi. Ol Gün dogmazynyň öňüsyrasynda, Nýu-Ýorkuň howa menzilinde meniň gözlerimden ýitip gitdi.

***Ispan dilinden terjime eden***
***Aýjemal ÇARYÝEWA.***